# Degişmeler

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Degişmeler DEGIŞMELER

Bazarda.
– Aý, kempir, seň sygryňa saýawan satyn almagyň gerek!
– Ony başyma uraýynmy?
– Şeýtseň, süýdüň suwy azrak bordy.

* * *

Teatrda.
– Beýle içgysgynç teatrda tomaşaçylaryň sygyrman durşuna geň galýan.
– Pallap otyrkalar, nädip sygyrsynlar.

* * *

Iki klasdaş öz ýoldaşlaryny ýatlaýar:
– Ýogsa-da, Bekgi näme kär edýär?
– Ol edebiýat tankytçysy bolup ýetişdi.
– Bä… Aý, hawa-da, ol mekdepde okaýarka-da edebiýaty halanokdy.

* * *
– Men-ä motosikletimi satyp, gowuja taýhar edinäýsem diýýän.
– Haý, senem-ä!
– Hä!
– Bir mellek iki eşege darlyk edäýmese…

* * *

– Säher bilen howlugyp nirä barýarsyň? – diýip, biri nakysdan sorapdyr.
– Gonamçylyga.
– Beýle gyssanyp nätjekdiň? Wagty gelende özümiz elinje äkidäýerdik-dä…

* * *

– Näme ädimiñi gaty giñ ädip ýöreýäñ?
– Köwşümi tozdurmajak bolýan.

* * *

Bir ýaş aktýor öýüne gelip, özüne komediýada birinji roly berjekdiklerini aýdypdyr.
– Men erkek kişiniñ ~ maşgalabaşynyñ roluny ýerine ýetirmeli! – diýip, ol begenjini daşyna çykarypdyr.
– Zeleli ýok – diýip, kakasy oglyny köşeşdiripdir. – Haçan-da bolsa bir mahal saña gepläp oýnamaly rolam bererler.

* * *

– Siz towuk ferma bolanyñyz bäri ýumurtga alnyşy elli üç prosent kemelip gitdi… Günäñizi boýnuñyza alýañyzmy?
– Ýok, ýoldaş derñewçi.
– O näme üçin?
– Sebäbi ýumurtgany men däl-de towuklar guzlaýar.

* * *

– Dost ýene-de öýlenipsiñ diýip eşitdim. Öýleneniñ-ä oñat welin, öñem-ä iki aýala aliment töleýäñ. Munyñam-a… Aý, näme. «Her iş bolsun, bähbit bolsun» diýipdirler.
– Wah, bähbit-le, dost. Munym üç ýerden aliment alýan eken-ä!

* * *

– Itiñ ýarakmy?
– Ýok, ýöne sessiz ýapyşaýýar.
– «Mal eýesine çekmese şumluk» diýenleri-dä. Degişmeler